# Allanyñ haky üçin ýardam!

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 25 января, 2025
Allanyñ haky üçin ýardam! ALLANYÑ HAKY ÜÇIN ÝARDAM!




Gadyrly okyjylar, Katarda dünýä sportynyñ iñ abraýly ýaryşlaryndan biriniñ başlamagyna az wagt galdy.
Bir aý çemesi wagt dowam etjek ýaryşa dünýäniñ çar künjünde milliardlarça adam öýüniñ töründäki telewizorlar arkaly tomaşa eder
Adyna Katar diýilýän gözüñe söweýin döwlet diýseñ täsin ýer.
Bu ýere taýpa serdarlarynyñ we talañçy şeýhleriñ topbagy diýseñem gelişmän durjak däl.
Neither bagty getirenler.
Jübilerinde trillionlarça dollar bar. Olar weşeñ-weşeñ bolup ýatan pullaryny ulanmak arkaly käbir ýurtlaryñ döwlet we hökümet ýolbaşçylaryny-da satyn alaýýa.
Öz hakyky ilaty örän az. Bu ýetmezçiligi doldurmak üçinem esasan yslam ýurtlaryndan adam getirdýär. Aýratynam garyp ýaşaýan yslam ýurtlaryndan kowçum-kowçum bolup gelýän göçegçileriñ etini iýip, süñküni gemirmekden geçirdi,

ýiliklerine çenli soryar.
Olara dowzah azabyny görkezýär.
* * *

Ses berlişikde pul dykyp futbol boýunça dünýä çempionatyny geçirmäge hukuk gazanmagy başardylar.
Häzir futbol duşuşyklaryna tomaşa etmäge ýüz müňlerçe adam Katara gelýär.
Ýöne bärde käbir derwaýys meseleler bar.
Kimdigi belli däl şonça adam Katara gelensoň, jemgyýetçilik howpsuzlygy neneň-niçik borka?..
Hemme zat bolup biler.
Bombalar partlap biler, adamlar ölüp biler, birtopar hadysalar ýüze çykyp biler.
Ýeri onsoň, Katar bolup biläýjek ähtimallyklaryň hötdesinden gelibiljekmikä?
Ýeterlik polisiýa güýji ýok. Harby güýji-de bolubiläýjek hadysalara garşy göreşerden ejiz.

* * *

Şeýle ýagdaýda näme etmeli? Garaz eýdip-beýdip, bir alajyny tapmaly!
Türkiýäniň Taýýip hökümetine ýüz urdular…
– Dat, gadyrdan dostumyz we gardaşymyz, bize harby we polisiýa güýçleriňi ugrat, ýaryşyň dowamynda asudalygy şolar üpjün etsin!
Haýyş kabul edilendigi resmi ýagdaýda mälim edildi.
Türkiýe ýörite birliklerden (spesnaz) we jemgyýetçilik howpsuzlygy gullugynyň işgärlerinden ybarat 3.500 polisiýa işgärini ugradýar. Toparyň düzüminde ýörite tälim berilen partlaýjy maddalary we neşe serişdelerini gözleýji itlerem bar.
Polisiýamyz eýýämden ýola düşdi!
Bular ýaly zady mundan öň Türkiýede ne gören bolupdy, ne eşiden.

* * *

Emma biz tarapdan alanda bolýan zatlar munuñ bilenem gutaranok…
Meseläniñ birem harby tarapy bar.
Günleriñ birinde «Resmi gazetde» hemmeleri haýrana goýan prezident teklipnamasy çap edildi.
Türkiýe Katarda geçiriljek futbol boýunça dünýä çempionlygyny gury ýer, howa, deñiz arkaly goramagy öz boýnuna alypdy…
Polisiýa teklipnamasynda çärä gatnaşjak işgärleriñ anyk sany görkezilýärdi, emma harby gullukçylar boýunça teklipnamada hiç zat görkezilmeýärdi.
Häzirem belli däl.
Gury ýerden, howadan, suwdan…
Näçe harbylarymyz, näçe uçarymyz, näçe gämimiz gitdi ýa-da gitmeli, hiç hili beýanat berilmedi.
Bir zat belli, olam – milli ýygyndy toparymyz bilen bile gatnaşmak nesip etmedik dünýä çempionatyna ýaraglarymyz bilen gatnaşýandygymyz!

* * *

Az wagt öñ jemgyýetçilige bir habar eşidildi:
«2022-nji ýyldaky FIFA-nyñ dünýä kubogyny eýelemek ugrundaky futbol çempionatynda jemgyýetçilik howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen ýola çykan korwetlerden «Burgazada» Katara baryp ýetdi.
«Burgazada» Katar emirligi tarapyndan harby dabara bilen garşylandy…»
Bu harby gämi ýekemi ýa-da başga gämilerimizem ol ýere gitdimi?
Katary goramak operasiýasyna söweşjeñ gämilerimizem gatnaşýarmy?
Ýa gury ýer güýçlerimiz?
Kommandoslarymyz, ýörite birliklerimiz?
Hemme zat gizlin… Gynansak-da, bu sowallaryñ jogabyny bilemzok.

* * *

Bir bilýän zadymyz – müňlerçe polisiýa işgärimiz, harby gullukçylarymyz Kataryň asudalygyny üpjün etmek üçin kelleleri goltuklarynda ol ýerlere ugradylýar.
Orramsy şeýhleriň ýurduna bizden başga-da şeýdip güler ýüz beren, öz howpsuzlyk güýçlerini şul gurrumsaklar üçin mobilizirläp, howp astyna alan başga ýurtlaram barmy?
Bu nämäni aňladýar!
Diňe 3.500 sany polisiýa işgärimizi pikir edip görüň-ä!
Alla saklasyn, ol ýerde birine bir zat bolsa, howpsuzlyk güýçlerimizi Katara ugradanlar munuň hasabyny nädip bererlerkä, nädip aşagyndan çykyp bilerlerkä?




* * *
O nätüýsli döwlet, nätüýsli taýpalar topbagy eken-aý Katar!
Ýeri, öz howpsuzlygyňy goramakdan ejiz gelýän bolsaň, nä körüňe boýnuňa alýaň bular ýaly uly ýaryşy, dünýä çempionlygyny geçirmegi?..
Gaýtam, utanman-uýalman, gaşyny çytman «Dat, agamjan eliňi uzat, maňa sen gerek boljak öýdýän» diýip şumjarýar, biziň ýaly dost-doganlyk ýurtlardan haraý isleýär.
Biziňkilerem meseläniň öňüni-soňuny oýlanyp-ölçermezden «Baş üstüne!» diýip, ýurduň harby gämileri, esgerleri we polisiýasy bilen oňa kömege ylgamaly!
Walla, bular ýaly zat öň görülmändem, eşidilmändem.
Munuň adyna «AKP häkimiýetiniň Katar söýgüsi» diýmelimi, nätmeli?
Wah, gözüňi söweýin tomaşaçylar!

Emin ÇÖLAŞAN.

«SÖZCÜ» gazeti, 18.11.2022 ý. Sport we turizm